# Şol gün diýsene!..

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şol gün diýsene!.. ŞOL GÜN DIÝSENE!

***“Ömre deň ahwal”***
***Şahyr Kakamyrat Rejebowyň gazetde çap edilen ilkinji goşgusyna bagyşlap ýazan goşgusynyň ady***

Kakamyrat goşgusynyň adyny
Ýerden ýa asmandan tapman ekeni.
Dogurdanam, ilki goşgyň gazetde
Çykmasy “ömre deň ahwal” ekeni.

Ýatlamaly bolsam, geçen ýolumyň
Bagtly günlerini ýekänme-ýekän,
Ýatlaryn şol günem,
Ah, şol güni men
Egnimde baş durka unudarmykam?!

Gazetde goşgusy çykan oglan-da!
Ellerim gazetli çapýan ikiýan.
“Şu diňlär-ow!” diýenlermiň ýanynda
Diňlese-de ýa-da diňlemese-de
Okaýan.

Bagtyma olaram öwen bolýalar,
Käbiri-hä, hakyt, çykarýar arşa.
Gitdigimçe meleň alýaryn menem,
Eselmän boljakmy öwülip dursaň?!

Hawa, öwýärdiler ertir dünýäde
Bardygy-da bilinmejek goşgyny.
Çyny bilen gutlaýardy hemmeler,
Ýaşajyk “Halyly”,
Körpe “Puşkini”.

Ýylgyryp ýatlaýan şol güni mydam,

Indi-indiler boluşymdan utanýan.
…Goşguly dünýämde ýöne häzirem
Şol sada goşgyny öňe tutunýan… Goşgular